**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2023-nji ýylyň 21-nji noýabryndaky №96-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№1-zg (zäherli galyndylar) "Önümçiligiň zäherli galyndylarynyň emele gelşi we dolanyşygy barada hasabat" (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# G O L L A N M A

1. №1-zg (zäherli galyndylar) forma "Önümçiligiň zäherli galyndylarynyň emele gelşi we dolanyşygy barada hasabat," boýunça hasabaty aşakda görkezilen daşky tebigy gurşaw we ilatyň saglygy üçin howply bolan önümçiligiň zäherli galyndylary emele gelýän (düşýän), peýdalanylýan, zyýansyzlandyrylýan (ýok edilýän), saklanylýan (ammarlara ýerleşdirilýän) we gömmelýän kärhanalary we edaralary öz içine alýan düzýärler: önümçilik birleşikleri(toparlar), senagat, ulag, saglygy goraýyş, oba hojalygy üpjün edýän we ilata durmuş hyzmatlary we hasabat berýän kärhanalar tarapyndan hasabat ýylynyň ýanwaryň 15-ne çenli tabşyrylýar.

Anyk hasabat berýän kärhanalaryň sanawy Tűrkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň we Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň edaralary tarapyndan zäherli galyndylaryň emele gelişi we ýok edilişi barada №1-zg (zäherli galyndylar) forma boýunça hasabat bermäge degişli kärhanalaryň görkezijilerinden ugur alnyp kesgitlenilýär (Goşundy 1).

Hasabat düzülende aşakdaky esasy kesgitlemelerden ugur almaly:

**önümçiligiň galyndylary** - bu önümiň taýýarlanmagynyň ýa-da önümçilik hyzmatlary-nyň ýerine ýetirilmeginiň dowamynda emele gelen, özüniň sarp ediş başlangyç material alamatyny (fiziki we himiki) doly ýa-da bölekleýin ýitiren çig malyň, materiallaryň we ýarym taýýar önümleriň galyndylary. Oňa esasy gaznalar, şeýle hem ulanmaga ýaramsyz bolan ýa-da fiziki we moral taýdan könelmegi, binalaryň we desgalaryň ýykylmagy we beýleki faktorlaryň netijesinde hatardan çykarylan materiallar, maşynlaryň şaýlary, bölekleri, komponentleri, enjamlar, abzallar we ş.m. degişli. Ondan başga-da, önümçilik galyndylarynyň düzümine tebigy resurslaryň gazylyp alnanda ýa-da daşky tebigy gurşawdan alnanda gerek bolman galan bölegi goşulýar: peýdaly magdanlar gazylyp alnanda gerekmejek jynslar, tokaý çapylanda (agaç önümleri taýýarlanylanda) we ş.m. galyndylar.

Önümçiligiň galyndylaryna ugurdaş önüm hasaplanylýan we ilkibaşda bar bolan tehnologiýada (taslamasy bilen) esasy taýýar önümiň önümçiligi bilen bir hatarda peýdalanylmagy göz öňünde tutulýan önümler, materiallar, ýarym taýýar önümler, çig mal **degişli däl**.

Galyndylara maldarçylyk fermalarynyň dersleri, şeýle hem, ekerançylygyň galyndy önümleri (sypal, baldaklar, köp ýyllyk agaçlaryň ýetişmedik miweleri we ş.m.) goşulmaýar.

Bellik. Eger kärhanada çig mallary we materiallary gaýtadan işlemegiň bar bolan tehnologiýasyna goşmaça galyndylary ikinji maddy serişdeler hökmünde peýdalanmak boýunça önümçilik guralan (işe girizilen) bolsa, onda galyndylar bu täze önümçilikler (sehler, gurluşlar) doly özüni ödeýänçä şeýle bolmagynda galýar. Soňra galyndylar ugurdaş önüm hasaplanylýar.

Önümçilikde (mysal üçin ýerasty peýdaly magdanlar gazylyp alnanda, mallaryň gyrylmagy netijesinde we ş.m.) we ugradylanda (geçiriji turba ulagynda awariýalaryň we ýitgileriň, açyk meýdanlaryň we platformalaryň we ş.m. tozamagy netijesinde) taýýar önümiň (çig malyň, materiallaryň, ýarym taýýar önümleriň) bir böleginiň ýitgileri hem galyndylaryň düzümine girmeýär. Bulardan başga-da, tebigy we tehnogen heläkçilikleriň netijesinde esasy we dolanyşyk gaznalarynyň (serişdeler) ýitgisi hem galyndylara degişli däl.

Ilatyň saglygy we daşky tebigy gurşaw üçin aýratyn zyýanly maddalary we birleşmeleri özünde saklaýan önümçiligiň galyndylarynyň ähli görnüşleri hasaba almaga degişlidir. Zäherli galyndylaryň düzümine kabul edilen ülňüleri bozmak bilen öndürilen ýa-da soňra derde ýaramsyz

bolup, ekologiýa we arassaçylyk talaplary netijesinde göni niýetlenilen maksady boýunça peýdalanylyp bilinmeýän (mysal üçin, kadalary bozmak bilen öndürilen ýa-da derde ýaramsyz bolan, bellenen tertipde hatardan çykarylan pestisidler), taýýar önümler, çig mal, ýarym taýýar önűmler, materiallar, aýratyn bölekler, düzüm bölekleri we ş.m. girizilýär.

№1-zg (zäherli galyndylar) forma boýunça hasabatda taýýar önüm hasaplanylýan, soňra hem peýdalanylmaga degişli, şeýle hem taýýar önüm almak maksady bilen önümçilik tehnologiýasy boýunça soňra gaýtadan işlemäge niýetlenilen ýarym taýýar önűmler hasaplanylýan zyýanly maddalar (önümler, birleşmeler) görkezilmeýär (ugurdaş önümiň we zäherli galyndylaryň aýratyn hasaba alnyş tertibi ýokarda görkezilen talaplara laýyk gelmeli). Şeýle-de bu ýerde suw desgalaryna hapa suwlar bilen düşen, howa giňişligine gaz howa garyndysy bilen düşen, №1-suw “Suwuň ulanylyşy barada hasabat” we №1-howa “Howa giňişligini goramak hakyndaky hasabat” formalarda görkezilýän zyýanly maddalar görkezilmeýär.

3. Radioaktiw galyndylaryň ähli görnüşleri № 1-zg (zäherli galyndylar) forma boýunça hasabata goşulmaýar.

4. Önümçiligiň zäherli galyndylary howplulygyň bäş toparyna bölünýär:

**I. topar – juda howplular;**
**II. topar – has howplular;**
**III. topar – aram howplular;**
**IV. topar – az howplular;**
**V. topar – howply däl.**

Galyndylaryň howplulyk toparyny kesgitlemek üçin “Zyýanly maddalar, klassifikasiýasy we howpsuzlyga edilýän umumy talaplara” gollanmaly.

Önümçiligiň zäherli galyndylarynyň howplulyk toparlary daşky gurşawy goramak boýunça pudaklaýyn bölümçeleriň hünärmenleriniň, ýerli tebigaty goraýyş edaralarynyň we arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň işgärleriniň, ygtyýarly edilen guramalaryň (rugsatnamasy, ygtyýarnamasy bolan) gatnaşmagy bilen ylmy-barlag institutlarynyň, kärhanalaryň tehnologik önümçilik laboratoriýalary tarapyndan kesgitlenilýär.

Hasabatda görkezilmäge degişli önümçiligiň galyndylarynyň anyk sanawy (ady) 2-nji Goşundyda berilýär.

2. Önümçiligiň zäherli galyndylary barada maglumatlar hasabatda bu galyndynyň (ähli ugurdaş goşundylar bilen) umumy agramy boýunça oturdan soň üç belgä çenli tonnada anyk görkezilýär.

Hemme görkezijilerde galyndylaryň mukdar häsiýetlendirmesi hasabatlarda agramy boýunça kesgitlenýär. Düzüminde simap we onuň birleşmeleri bolan galyndylar önümiň agramy boýunça, ulanyşdan çykan lýuminissent çyralar görkezilýär.

Galyndylar formada görkezilen howplulyk toparyna we galyndylaryň görnüşiniň adynda görkezilen zäherli düzüm böleginiň agdyklyk edýänligi boýunça anyk görnüşlere degişli.

Eger galyndylaryň düzümine zäherli galyndylarynyň dürli toparlaryna degişli iki ýa-da ondan gowrak zäherli düzüm bölekleri girýän bolsa, onda galyndylaryň bu görnüşini degişli topara goşmak howplulyk topary has ýokary bolan düzüm bölegi boýunça amala aşyrylýar. Olaryň howplulygy deň bolsa, onda degişli goşmak galyndylaryň görnüşiniň adynda görkezilen düzüm böleginiň agdyklyk edýän möçberi boýunça amala aşyrylýar.

3. Kärhanada 2-nji Goşunda girýän we hasabat blankasynda görkezilenlerden tapawutlanýan önümçiligiň zäherli galyndylarynyň beýleki görnüşleri bar bolsa, boş setirlerde hasabat berýän kärhana üçin has häsiýetli galyndylar görkezilýär. Eger hasabat blankasynda setirleriň sany ýeterliksiz bolsa, blankalaryň gerekli sany goşmaça doldurylýar.

4. Hasabata kärhananyň hasabatyň düzülişiniň dogrulygyna we görnüşde bellenen möhletde bellenen salgylara tabşyrylmagyna jogapkärçilik çekýän ýolbaşçysy gol çekýär.

№ 1-zg (zäherli galyndylar) forma hasabaty boýunça dolandyryş guramalary, medeniýet we sungat, bilim we durmuş üpjünçiligi we beýleki maliýe edaralary hasabat bermeýär.

**Hasabatyň düzmeginiň tertibi**

5. A sütünde № 1-zg (zäherli galyndylar) forma boýunça hasabatda görkezilmäge degişli galyndylaryň sanawyna laýyklykda galyndylaryň doly ady ýazylýar.

6. 1-nji sütünde hasabat ýylynyň başyndaky ýagdaýa görä geçen ýyllaryň dowamynda toplanan galyndylaryň ähli möçberi görkezilýär. Guramanyň çägindäki, şeýle hem onuň çäklerinden daşarda gurama degişli saklanýan ýerlerde (saklanýan, toplanýan ýerlerde, ammarlarda we ş.m.) başlangyç materialyň gaýtadan işlenilmegi, peýdalanylmagy we ş.m. netijesinde kärhanada ikinji zäherli galyndylar emele gelse bu ugurdaş galyndylar hasabatyň aýratyn setirleri boýunça görkezilýär.

7. 2-nji sütünde hasabat ýylynyň dowamynda emele gelen galyndylaryň möçberi görkezilýär (beýleki guramalardan gelen galyndylary hasaba almazdan).

8. 3-nji sütünde beýleki kärhanalardan (başga ýerden) hasabat berýän gurama soňra gaý-tadan işlemek, zyýansyzlandyrmak, peýdalanmak, ugratmak, gömmek, saklamak we ş.m. üçin gelýän galyndylaryň möçberi görkezilýär.

9. 4-nji sütünde haýsy hem bolsa bir önüm almak ýa-da hyzmaty ýerine ýetirmek üçin (şol sanda ýylylyk we elektrik energiýasyny almak űçin) hasabat berýän gurama tarapyndan hasabat ýylynyň dowamynda peýdalanylan galyndylaryň möçberi görkezilýär. Şunlukda öň toplanan we hasabat ýylynda başga ýerden düşen galyndylaryň gaýtadan işlenilişi hem hasaba alynýar.

10. 5-nji sütünde kärhanada hasabat ýylynyň dowamynda doly zyýansyzlandyrylan ýa-da ýylylygyň ulanmasyzlygyndan elektrik energiýasynyň işlenilişini we ş.m. peýdalanmazdan, ýöriteleşdirilen gurluşlarda ýok edilen galyndylaryň möçberi görkezilýär. Doly zyýansyzlandyrylan galyndylaryň soňky hereketi (ýok etmek, ammarlara ýerleşdirmek, gaýtadan işlemek, başga ýere ýerleşdirmek we ş.m.) hasabatda görkezilmeýär.

Eger haýsy hem bolsa bir galyndy kem-käsleýin zyýansyzlandyrylan bolsa, onda olar degişlilikde 5-nji sütünlerde (bir gezek peýdaly ulanylanda) ýa-da 6-8-nji sütünlerde görkezilýär (soňra başga ýere berlende ýa-da ammarlara we gömülen ýerlerde ýerleşdirilende).

11. 6-8-nji sütünlerde başga kärhana gaýtadan işlemek, peýdalanmak, zyýansyzlandyrmak, ammarlara ýerleşdirmek, äkitmek we ş.m. üçin şeýle geçirmäniň görnüşine garamazdan, berlen galyndylar görkezilýär (tölegli, satmak netijesinde, üzmezden, şertnama boýunça we ş.m.).

7 we 8-nji sütünlerde soňra gömmek, şeýle hem niýetlenilen ýerde (7 süt.) we guramaçylykly saklanylýan ýerlerde (8 süt.) gömmek üçin başga ýere berlen galyndylaryň möçberi görkezilýär.

7 we 8-nji sütünler hasabat berýän obýekt tarapyndan galyndylaryň hereketiniň soňraky tamamlaýjy tapgyry barada anyk maglumat bar bolsa doldurylýar.

7 we 8-nji sütünleriň jemi eger galyndylar başga maksatlar üçin başga ýere geçirilse ýa-da kabul edýän guramalardan olaryň soňraky peýdalanylyş (ýerleşdiriliş) usullary barada maglumat ýok bolsa, onda 6-njy sütüne deň gelmän biler.

12. 9-njy sütünde hasabat ýylynyň dowamynda galyndylary saklamak boýunça hususy obýektlerinde ýerleşdirilen galyndylaryň möçberi görkezilýär.

13. 10-njy sütünde hasabat ýylynyň dowamynda galyndylary gömmek boýunça hususy desgalarda gömülen galyndylaryň möçberi görkezilýär (zir-zibil dökülýän ýerler, karýerler, köwler we beýlekiler).

14. 11-nji sütünde hasabat ýylynyň ahyryna hasabat berýän edara degişli (saklamak üçin kärendesine alnan ýerleri goşmak bilen) ýerlerde toplanan galyndylaryň möçberi görkezilýär.

15. Umumy görnüşde hasabat görnüşiniň sütünleriniň arasynda, düzgün bolşy ýaly, aşakdaky esasy gatnaşyklar berjaý edilmeli:

Sütün 1 + sütün 2 + sütün 3 – (sütün 4 + sütün 5) = sütün 6 + sütünler (9 + 10);

Bu gatnaşyk berjaý edilmese, hasabata düşündiriş bermeli.

16. Sowal-jogap bölüminde aşakdakylar barada maglumat berilýär:
hasabat berýän kärhananyň garamagyndaky, hasabat ýylynyň ahyryna oňa degişli ýerdäki (kärendesine alnan) gadymy mazarçylyklaryň, gum üýşmekleriniň, ammarlaryň, zir-zibil dökülýän ýerleriň we zäherli galyndylary saklamak üçin guramaçylykly gömmek, ammarlara ýerleşdirmek

we saklamak üçin ýerleriň sany barada; zäherli galyndylary ýerleşdirmek üçin görkezilen ýerleriň umumy meýdany barada.

**Durmuş statistikasy müdirligi**

**1 GOŞUNDY**

## KÄRHANALARYŇ BILIM BARADA WE №1- zg (zäherli galyndylar) FORMA BOÝUNÇA ZÄHERLI GALYNDYLARYŇ DOLANYŞYGY BARADA HASABAT BILEN GURŞALYP ALYNMAGYNYŇ ÖLÇEGLERI

I.. №1-zg (zäherli galyndylar) forma boýunça hasabaty galyndylar emele gelýän we/ýa-da garamagynda galyndylary gaýtadan işlemek we zyýansyzlandyrmak boýunça obýektler, şeýle hem galyndylar saklanýan ýerleri, üýşmekleri, zir-zibil taşlanýan ýerleri bar bolan ähli kärhanalar, guramalar, edaralar[1)] tabşyrýarlar:

A. howplulygy boýunça I klas hereket edýän jisim boýunça ýylda 1 we ondan köp kilogram (simap boýunça - 500 we ondan köp gram);

Б. howplulygy boýunça II we III klas ýylda 10 we ondan köp kilogram möçberde;

B. howplulygy boýunça V klas möçberde:

1) Emele gelen galyndylaryň başga bir tarapa berilýändigine ýa-da şol kärhanada ammarlara ýerleşdirilýändigine (ýok edilýändigine, zyýansyzlandyrylýandygyna) garamazdan, galyndy emele gelýän kärhanalar üçin ýylda 1 we ondan köp tonna;
2) Galyndy emele gelmeýän, ýöne olary kabul etmegi, gaýtadan işlemegi, ýerleşdirmegi amala aşyrýan (galyndylary ammara ýerleşdirmek, ýok etmek, zyýansyzlandyrmak we gaýtadan işlemek boýunça desgalary we beýleki obýektleri bar bolan) kärhanalar üçin ýylda 10 we ondan köp tonna.

II. Hasabat berýän obýektleriň sanawy Tűrkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň we Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan şu ölçeglerden ugur alnyp kesgitlenilýär. Türkmenstat, Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň we Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi gyzyklanma bildirýan ministrlikler (pudak edaralary) bilen bilelikde zerur bolan ýagdaýlarda sebitiň aýratynlygyny, onuň meýdanyny, hojalygyň ösüş derejesini, ýaşaýan ilatyň gürlügini, toplanan galyndylaryň möçberini, daşky tebigy gurşawyň ýagdaýyny we beýleki faktorlary göz öňünde tutmak bilen Ölçegleri anyklaýarlar. Bu anyklama (düzediş girizmek) barada maglumat hasabat berýän kärhanalaryň dykgatyna ýetirilýär.

Hasabat berýän kärhanalaryň sanawy düzülende zäherli galyndylar emele gelýän we/ýa-da gaýtadan işlenýän we ýerleşdirilýän obýektleri sebit derejesinde umumy görnüşde galyndylaryň dolanyşygynyň (hereketiniň) esasy tapgyrlarynyň arasynda balans gatnaşyklary berjaý ediler ýaly gurşap almak wezipesi öňde goýulýar.

Hasabat berýän kärhanalaryň sanawyna gaýtadan seretmek galyndylaryň emele gelişi we dolanyşygy barada maglumatlaryň tolanyşyna görä, kärhanalaryň barlaglaryna görä, ýöne üç ýylda bir gezekden ýygy däl, amala aşyrylýar.

III. Tebigaty goraýyş edaralary hasabat maglumatlaryny ýygnamakda we barlamakda döwlet statistika edaralaryna hemmetaraplaýyn ýardam edýärler. Hasabatda ýalňyşlyklar we ýoýulmalar tapylan ýagdaýynda kärhanalardan düzedilen hasabatlary almak boýunça bellenen tertipde bilelikde çäre görülýär.

**2 GOŞUNDY**

## ZÄHERLI GALYNDYLARYŇ GÖRNÜŞLERI

| | Howplulyk topary |
|---|---|
| 1. Galyndylar ýa-da ulanmaga ýaramsyz ýag-daýa gelen jisimler we düzüminde polihlorirlenen terfeniller, polibromirlenen bifenilleryýa-da olaryň garyndylary bolan önümler | sertifikat boýunça*) |
| 2. Galwaniki önümçilikleriň galyndylary | 1 |
| 3. Farmasewtika önümlerini öndürmekden we gaýtadan işlemekden galyndylar | sertifikat boýunça |
| 4. Fotomateriallary işläp bejermek üçin foto-himikatlary we jisimleri öndürmekden we peýdalanmakdan galyndylar | sertifikat boýunça |
| 5. Düzüminde nikel we onuň birleşmeleri bolan galyndylar | 1 |
| 6. Düzüminde gurşun we onuň birleşmeleri bolan galyndylar | 2 |
| 7. Nebit galyndylary | 2 |
| 8. Nebit şlamlary | 3 |
| 9. Düzüminde simap we onuň birleşmeleri bolan galyndylar | 1 |
| 10.Düzüminde fosfor we onuň birleşmeleri bolan galyndylar | 1 |
| 11.Düzüminde hrom we onuň birleşmeleri bolan galyndylar | 1 |
| 12. Düzüminde fenol we fenol birleşmeleri bolan galyndylar | 2 |
| 13. Ion alyş-çalyş filtrlerini ýuwmakdan elýuat-lar | sertifikat boýunça |
| 14. Boýaglaryň we emallaryň, laklaryň galyn-dylary | 2 |
| 15. Ýüzleý–işjeň jisimler (ÝIJ) | sertifikat boýunça |
| 16. Işlenen formalaýjy garyndylar | 4 |
| 17. Işlenen emulsiýalar we sowadyjy-çalgy su-wuklyklary | 3 |
| 18. Düzüminde ftoryň organiki däl birleşmeleri bolan galyndylar | 2 |
| 19. Turşy gudronlar | 2 |
| 20. Işlenen katalizatorlar | 3 |
| 21. Düzüminde asbest bolan galyndylar | 4 |
| 22. Zäherli himikatlar (ösümlikleri goramak üçin himiki serişdeler) we ulanmaga ýaram-syz ýagdaýa gelen pestisidler | sertifikat boýunça |
| 23. Ulanmak gadagan edilen pestisidler **) | sertifikat boýunça |

*) Sertifikat – galyndynyň görnüşiniň fiziko-himiki häsiýetnamasy.
**) Ulanmak gadagan edilen pestisidlere aşakdakylar degişli: grozan, agronal, agrosit, azotoks, kalsiniň arsenaty, bersema, beta-naftol, germizan, ddt, desterol, 2,4,5 misiň trihlorfenolýaty (tehniki), despirol, diliden, ditoks, zookumarin, fentiuram, butifos.

| | Howplulyk topary |
|---|---|
| 24. Düzüminde mis we onuň birleşmeleri bolan galyndylar | 1 |
| 25. Düzüminde marganes we onuň birleşmeleri bolan galyndylar | 2 |
| 26. Işlenen organiki däl kislotalar | 2 |
| 27. Отработанные свинцовые аккумуляторы | 2 |
| 28. Отработанные масла | 4 |
| 29. Düzüminde formaldegid bolan galyndylar | 2 |
| 30. Keselhanalarda, saglyk oýlerinde we klinikalarda näsaglara seretmegiň netijesinde alnan medisina galyndylary | sertifikat boýunça |
| 31. Gerekmejek farmasewtika harytlary, dermanlar we serişdeler | sertifikat boýunça |
| 32. Biosidleri we fitofarmasewtik serişdeleri öndürmekden, almakdan we ulanmakdan galyndyrlar | sertifikat boýunça |
| 33. Düzüminde sianidleri saklaýan ýylylyk bilen işlemekden we materiallaryň hilini gowulandyrmakdan galyndylar | 3 |
| 34. Gerekmejek, başlangyç meýilleşdirilen ulanmak üçin ýaramsyz mineral ýaglar | sertifikat boýunça |
| 35. Ýagyň/suwuň garyndylary we emulsiýalary görnüşinde galyndylar | sertifikat boýunça |
| 36. Sintetiki smolalary, lateksi, plastifikatorlary, ýelimleri/baglaýjy materiallary öndürmek-den, almakdan we ulanmakdan galyndyrlar | 2 |
| 37. Ylmy-barlag işleriniň ýa-da okuw prosesi-niň dowamynda alnan, tebigaty entek ýüze çykarylmadyk we/ýa-da täze hasaplanýan, adama we/ýa-da daşky gurşawa täsiri entek mälim bolmadyk gerekmejek himiki jisimler | sertifikat boýunça |
| 38. Partlamak howply häsiýete eýe bolan, başga kanunçylyga düşmeýän galyndylar | sertifikat boýunça |
| 39. Metal we plastmassa üstleri işlemekden galyndylar | sertifikat boýunça |
| 40. Senagat galyndylaryny aýyrmak boýunça amallardan galyndylar | sertifikat boýunça |
| 41. Metallaryň karbonilleri | sertifikat boýunça |
| 42. Berilliý; berilliniň birleşmeleri | sertifikat boýunça |
| 43. Sinkiň birleşmeleri | 3 |
| 44. Myşýak; myşýagyň birleşmeleri | 2 |
| 45. Selen; seleniň birleşmeleri | 1 |
| 46. Kadmiý; kadminiň birleşmeleri | 1 |
| 47. Surma; surmanyň birleşmeleri | 3 |
| 48. Tellur; telluryň birleşmeleri | 1 |
| 49. Talliý; talliniň birleşmeleri | 1 |
| 50. Organiki däl sionidler | sertifikat boýunça |
| 51. Esasy birleşmeler ýa-da gaty esaslar | sertifikat boýunça |
| 52. Organiki birleşmeler | sertifikat boýunça |
| 53. Efirler | sertifikat boýunça |

| | |
|---|---|
| 54. Galogenlenen organiki rastworiteller | sertifikat boýunça |
| | **Howplulyk topary** |
| 55. Galogenlenen rastworitelleri goşmazdan organiki rastworiteller (erediji maddalar) | sertifikat boýunça |
| 56. Polihlorirlenen dibenzofuran görnüşli islendik material | sertifikat boýunça |
| 57. Polihlorirlenen dibenzopidioksin görnüşli islendik material | sertifikat boýunça |
| 58. Organogologen birleşmeler, şu goşundyda görkezilen jisimlerden başga | sertifikat boýunça |
| 55. Gaýrylar | |

**Bellik:** ulanmak gadagan edilen galyndylaryň we pestisidleriň görkezilen sanawynyň Türkmenistanyň çäklerinde täze senagat pudaklarynyň ösüşine baglylykda giňeldilip we üsti doldurylyp bilner.